# Tüweleý / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tüweleý / hekaýa TÜWELEÝ



Taýçanaklar ýalbyrap duran boýunlaryny talawladyp, Köpetdagy etekläp oturan giň sährada ikiýana bökjeklediler, biri-biri bilen çyntaklaşdylar. Meýdan otundan doýup bilmän, enelerini sokjap-sokjap emdiler.
Gysyr galan baýtallaryň ot iýip ugry ýokdy. Olar taýçanaklaryň her bir hereketinden gözlerini aýyrman, nebsewür seredip durdular. Gözüne yssy görnenleriniň ýanyna baryp, olary özlerine imrindirmekçi bolýan ýaly, çem gelen ýerinden ýaladylar. Taýçanaklarynyň ýanyna barylmagyny, ýalanmagyny gabanýan ene baýtallar gysyr galan baýtallaryň üstüne süründiler.
Taýçanaklaryň beýle agaýanalygy uzaga çekmedi: bir gün bäş-alty sany adam gelip, olary howlukman barlap, iki topara böldi. Athananyň giň howlusynyň sag tarapyndaky ýataga salnan taýçanaklara aýratyn idi-yssuwat etmäge başladylar. Gündogar

çetdäki ýataga salnan taýçanaklara welin, o diýen üns berilmedi. Her sapar sag tarapdaky ýatakda duran taýçanaklara iým ýa ot getirilip berlende gündogar – çep tarapdaky taýçanaklar güsürdeşip, tamakinçilik bilen ýatakdan boýunlaryny uzatdylar. Barybir, olaryň bu delmirinmelerine pitiwa eden adam bolmady. Ýaşy birçene baran Selim aga her gün Gün al asmana galansoň, atarabaly ot getirerdi-de, gahar bilen ýataga taşlardy. Onuň garaýagyz, şapbat ýaly ýüzüniň ýylgyran wagty ýokdy. Taýçanaklaryň jyrtlamalaryna-da gaharlanyp, bolmajasy bolardy.

Selim aganyň ýany bilen käte aldy-ýedi ýaşlaryndaky, saçy syrylan, Welli atly mönje oglanjyk athana gelerdi. Ol agaç germewe ýapyşyp, taýçanaklaryň ýorunja iýişlerine serederdi, öz ýanyndan olaryň haýsysyna münjegini bilmän kösenerdi. Baýtallar sonara goýberilende, yzrakdan barýan taýçanaklaryň biri bilen «Kim ýyndam?» oýnardy. Gumak ýolda mesgen edinen gürleňgüjüklerden tutup, aýagynyň aşagyna çalardy-da, has «ýyndam» bolardy.

Hurmareňk taýçanak, içi-içine sygmaýan ýaly, diňe ýatakda däl, meýdana çykylsa-da, bir ýerde durman jyrtlardy. Sürüden aýrylyp allowarralara giderdi-de, esli garaşdyrman dolanmazdy. Üç-dört sany taýçanak bilen çapyp, olary yzda galdyryp, ýene sürä dolanyp gelerdi. Garagol taýçanagyň bolşuna Welliniň göwni göterildi. Ýylgyrjaklap, oňa seretdi oturdy. Ilkibaşda onuň gelşiksiz görnen uzyn aýaklaryna-da, depelli tüňňi maňlaýyna-da mähir inen ýaly boldy. Ýöne taýçanagyň her bir bezzatlygyna Welliniň atasynyň gahary geldi. Welliniň öz-ä atasy gaharlansa, bezzatlygyny derrew goýýar, hurmareňk taýçanak welin, oňa gaharlanýamyňam diýenok. Ynha, onuň şu bolşy-ha bolanok. Oglanjyk atasynyň gaharlanmasynyň sebäbine-de düşünip bilenok. Çapmaly dälmi? Çapmak gowy ahyryn!

Taýçanaklar tiz ulalýar: ikiýaşar atlar aýlawa goýberilýär. Oglanjygyň hem tiz ulalasy, ýyndam bedewleriň birine atlanyp, aýlawlardan ýüzin salyp geçesi geldi. Gözüniň alnynda ulalan taýlara gözügidijilik bilen seretdi. Bakyp ýören taýlaryny äkidip, olara derek geçen aý dünýä inen taýçanaklary berenlerinde, oglanjyk olaryň hem tiz ulalyp gitjekdiklerine kemsindi. Hurmareňk taýy ot daşamak üçin Selim aga berenlerinde bolsa, aşygy alçy gopan dek, begenmek begendi.

Taý boýnamajak, araba goşulmajak bolup hernäçe bujurygyny artdyrsa-da, oglanjygyň atasy ony bir hepdäniň içinde boýun

sundurdy. Tüweleý – goja ony şeýle atlandyrdy – indi, burny buýly ýaly, jylawyny haýsy ýana çekseň, şo ýana gidýär. Ertir ir bilen hem öýlän Selim aga kolhozyň ýorunjasyndan arabany mas ýükläp, agtygyny-da onuň üstüne mündürip, athana gaýdýar. Arabany çekmek Tüweleýe kyn däl bolarly, athana bakan dabyrdap barýar.

Welli arabanyň üstünden ýeri synlap gitmegi gowy görýär. Soň onuň aşak düşesi gelenok. Hemişe beýikde – arabanyň üstünde, özem ýorunja ýüklenen arabanyň üstünde oturasy gelýär. Ol käte atyň üstüne münüp, jylawy eýläk-beýläk burýar. Tüweleý pyşgyryp, kellesini ýaýkap, oňa baş bermejek bolýar.

Tüweleýiň ýük çekesi, araba goşulasy gelenok, arabany alyp gaçýan gezeklerem az bolanok. Selim aga sögünip, jylawdan çekýär. Jan süýji – erni ýirilere gelen Tüweleýiň tüweleýi ýatyşýar, amana gelýär. Hernäçe amana getirilse-de, onuň hemişe ümdüzine tutduryp çapasy gelip dur. Şonuň üçinem kä gün Selim aga arabadan aýryp eýerleýär-de, oňa agtygyny mündürýär. «Adam ata münmegi ýaşlykdan öwrenmelidir. Senem öwreniber indi. Hemem şu eteňňenälediň ýelini çykar!» diýip, ony ýola salýar. Tüweleý özüniň giň sähra goýberilenine ynanmaýan ýaly, uzyn aýaklaryny ätmer-sätmer edip gidip barýar. Ýöredigiçe hem galkynjaklap, gordurýar. Welli onuň ýöreýşini haýal görüp, debsileýär. Tüweleý şu pursada garaşan ýaly, öňe okdurylýar.

Ol ýaňy ot örten ýaşyl sährany parran dilip barýar. Welli ýykylaryn öýdüp, eýerden berk ýapyşyp, gözlerini ýumup otyr. Atlaryň üstündäkileriň ýagdaýyny duýýandygy çyn bolarly, Tüweleý oglanjygy ynjydanok. Howa dymyk bolsa-da, Tüweleýiň üstünde şemal «şuw-şuw» edip, oglanjygyň eşigini egninden sypyraýjak bolýar.

Hana, oba garalyp görünýär. Hana-da obanyň gapdalyndaky athana. O-o depäniň üstünde duran adam bolsa Welliniň atasy. Tüweleý Wellini sähel salymda atasynyň ýanyna getirýär. Onuň toýnagy gyzana meňzeýär: burnuny parryldadyp, ýer peşeýär, öňe dyzaýar. Endam-jany bolsa şalpy-şaraň derläpdir. Deri gaýdyşýança Tüweleýi gezdirmegi Selim aga agtygyna sargaýar. Deri gaýdyşan Tüweleýiň endamy agaryp galýar.

Tüweleý näçe çapsa-da, ýene çapasy gelip dur. Selim aga başartman, ýüpüni süýräp, dabyrdap, allowarra gidýär. Nirä gitse-de, göz baglanyberende athana dolanyp gelýär. Ony ele salan Selim aga gazyga berkje daňyp, gamçy bilen ýadaýança urup, temmi berýär. «Saňa ýagşylyk eden adamy öldürmeli – meni

öldürmeli!» diýip, öwran-öwran gaýtalaýar.
Tüweleý athana mydama gülli ýorunja çekensoň, sähel maýyny tapsa, ondan iýjek bolýar. Selim aga muňa gaharlanyp, onuň temegine gamçysyny bilen urýar. Käte urany bilen kanagatlanman, Tüweleýe birki günläp oňly ot bermän jezalandyrýar. Öňüne bir gysym ot taşlap, gaharly hüňürdeýär: «Hä, ajygyp iýseň, zagara nanyň bal bolar» diýleni çyndyr görseň?! Öz beren otumdan başga ota temegiňi uzatsaň, ýene aç saklaryn…»
* * *
Dört ýyl geçdi.
Tüweleý öňküleri ýaly däldi: gapyrgalary çykyp, gaty horlanypdy. Çapjak bolup dyzabam duranokdy indi. Çapmagyň özüne gymmat düşjegine düşüş bolansoň, goja nirä sürse, şol tarapa gidýärdi. Berlen otuny-da oňly iýenokdy.
Ol birnäçe gezek keselledi. Selim aga muňa üns bermedi. Gaýtam, hyrsyzlandy. Gamçysyny galgadyp, onuň şolbir ýetişip bilmän ýörşi. Tüweleý wagtyň geçmegi bilen keselinden açylyşdy. Ýene keselledi…
Ol ýazda özüni birneme dürsedi. Onuň ýene çapasy geldi. Birmahalky bir agylda saklanan taýçanaklary onuň deňinden säpjeşip, haýbat bilen geçip gidenlerinde, ol çarpaýa galdy. Ýüpüni üzere getirip dyzady.
Ony ýüp saklady.
Hana, şol atlar! Olaryň ugrunda adamlar peýan-petek bolşup ýörler. Atlaryň ýanyna köpler goýberilenok. Welli ol atlary görjek bolup, ýuwdunyp-ýuwdunyp seredýär. Athananyň bir gyrasynda daňylgy durşuna, Tüweleý atlara berilýän otlara, iýme dyzap, boýnuny ýetirjek bolup çalyşýar.
Çapyksuwarlar atlaryny eýerläp, Tüweleýiň deňinden aýlawa geçip gidýärler. Atlar Tüweleýe haýbat atyp, kişňeşip geçýärler. Tüweleý olaryň yzyndan gitjek bolup dyzamaga başlaýar. Şol wagt Selim aga hüňürdenip g elýär-de, ony araba goşýar.
Selim aga Tüweleýi araba goşjak bolup durka, çapyksuwarlar ýene atlaryny alyp geçdiler. Tüweleý bu sapar goja per bermän, ýüpüni süýräp daz gitdi. Atlaryň giden tarapyna däl, howalanyp görünýän Köpedaga bakan çapdy. Goja onuň diňe tozanyny görüp,

başyny ýaýkap, hüňürdäp galdy. Dolanyp geler diýen pikir bilen, onuň gözlegine-de çykmady. Garaşdy. Ýöne Tüweleý dolanmady. Howsala düşen goja uzynlygije ýatyp bilmedi. Ertesi gijara iki çapyksuwar Tüweleýi tutup getirdi. Çapyksuwarlar, olaryň atlary derläp, garasuw bolupdyr.
– Ah-ow, Selim aga, bu «Tüweleý» diýseň, tüweleý eken. Yzyndan göni kowup ýeter ýaly däl! – diýip, Ýalkap çapyksuwar – oňa adynyň yzyndan çapyksuwar sözüni hem goşup ýüzlenýärdiler, ýöne ol özüni žokeý hasaplaýardy. – Selim aga Tüweleýiň ýüpüni tutdurdy.

* * *

Ýalkap çapyksuwar şol günüň ertesi ir bilen gojanyň ýanyna geldi:
– Selim aga, Tüweleýi maňa beriň! Bagtymy synap göreýin!
– Wah, meni şundan dyndarsaň, sag bolam aýdaýyn, Ýalkap jan! Meniň ýaly garra ýuwaş ýaby gerek. Munuň bolsa, bir ýerde dursa, içi gurtlap barýan ýaly.
Ýalkap çapyksuwar Tüweleýe atlanyp, Polat Pudakowiçiň ýanyna guş bolup uçdy. Oňa pikirini aýtdy.
– Bolmaz, bolmaz! – diýip, Polat Pudakowiç aýdanyny az görän ýaly, başyny ýaýkap, ellerini hereketlen dirip, oňa garşy çykdy. Şonda-da Tüweleýden gözüni aýyrmady. – Atlaryň, şu hojalygyň garamaty kimiň boýnuna? Meniň boýnuma! Diýmek, meniň dynç başymy depirjek äre berjek bolma. Öň komissiýa wagty niredediň? Komissiýanyň sostawynda bardyň gerek?
– Bardym.
– «Ýaramsyz» diýip gol çekipmidiň?
– Çekipdim.
– Onda nä gepleýäň?
– Şo wagt taýçanak köp jyzzynlady. Biz muny nerw näsazlygydyr öýtdük. Ýalňyşypdyrys. Siz serediň ahyryn, atyň çigni nähili giň?! Uly gözleri bar. Gapyrgalary uzyn. Iki tarapynyň gapyrgasynyň sany hem deň. Döş kapasasy aşakda, ýüregi üçin giň ýer bar…
– Sen maňa bu zatlary öwretjek bolma! Özüm gowy bilýän. Görüp durun ahyryn.

– Siz onuň çapyşyny bir görsediňiz?! Eger-eger ýetdirer ýaly däl. Men onuň ýyndamlygyny hronometr bilenem ölçedim. Bir kilometri bir minut dört sekuntda geçdi. Seýisläbersek, hasam gowy bolar. Gepiň küle ýeri, atyň garamatyny men öz boýnuma alýan.
– Barybir, indi giç – diýip, Polat Pudakowiç, näme üçindir, ýuwaşady. – Muňa gowy ideg edilmändigi bildirip dur. Atyň eýýäm birki keseli bardyr. Bu – birinjiden. Ikinjiden, at aýlaw üçin garry. Üçünjiden, iň esasysy, aty «brak» diýip komissiýadan geçirmedik biziň özümiz. Indem muny yzyna alsak, «Sag bol!» eşitmejegimizi bilýänsiň. Dördünjiden…
– Seýislärin, gowy seýislärin. Derrew özüni tutar. Bagtymyzy synap göreli, Polat Pudakowiç. Muny alanymyz bilen çykdajy uly bolmaz. Iki-üç ýyl çapsagam ýeterlik. Belki, uly abraý gazanarys?!
Polat Pudakowiç sesini çykarman Tüweleýi synlady. Daşdan durup synlady, ýakyndap durup synlady. Synalaryny elleri bilen barlaşdyryp çykdy.
– Gör-dä… – diýip, ol ýene Tüweleýe seretdi. – Soňky gün üstümden taýak injek bolsa, seni görkezerin.
– Men şol taýaga taýýar!
– Barybir, komissiýadan geçirmeli borus. Töwekgelçilik etmek islämok. Menem çagalarymy eklemeli. Goý, soňundan komissiýa jogap bersin. Bu birinjiden…
– Jogap bermeli bolmarsyňyz, maňa ynanaýyň.
Bir hepdeden soň komissiýa Tüweleýi gözden geçirdi. Weterinar wraç:
– Aty aýlawa çykarardan indi giç. At janawaryň aşgazany sygryňky ýaly on bölekden däl, ýekeje bölekden ybarat. Çem gelen ot berlip, atyň aşgazany zaýalanypdyr. Onuň kardiogrammasyna serediň, öýkenininiň emfizemasy bar… – diýip, komissiýa üçin taýýarlan delillerini kagyzdan gözüni aýyrman ýaýdanmaç okamaga başlady.
– Sizi diňleseň, janly-jandaryň ýanyna barar ýaly däl, dünýäni keselden doldurdyňyz-la – diýip, Ýalkap çapyksuwar gaharlandy. – Idegini ýetirseň, keseli aýrylar gider.
– Tüweleý hojalygymyzyň abraýyny gorar, bizi guwandyrar. Onuň

üçin aty gowy seýislemeli, atýýarlamaly. Ýöne giç bolmasa ne ýagşy – diýip, Polat Pudakowiç taýagyň iki ujuny-da elden bermedi.
Komissiýa başlygyň nutugyndan soň, Tüweleýi aýlawa taýýarlamagy makullady.
Şol günden başlap, Tüweleýi ýörite edilen athanajykda saklap, ýuwup-arassalap, bellibir wagtda iýmlediler. Ýalkap çapyksuwar onuň ýanyndan aýrylmady. Ony gezdirip, soňundan aýlawda çapdyrdy.
Tüweleý aýlawy halady, ol beýleki atlara bakyp, höwesli çapdy. Çapyksuwaryň jylawdan çekmesini duýmaýan ýaly, öňe dyzady. Onuň çapyşyna tomaşa etmäge gelenler köpeldi. Tarypy ýetirildi. Tüweleý özüne seredýän adamlaryň içki pikirini okan ýaly, çapyp barýan atlary ýetip geçdi, her hili oýunlar etdi.
Polat Pudakowiç günde-günaşa yzyna iki-üç adamy tirkäp geldi-de, gelenlere Tüweleýi görkezdi:
– Göwher bolsaň, irde-giçde göze ilýäň! – diýip, ol nähilidir bir akylly söz aýtjak bolup çalyşdy. – Tüweleýi seýislemegi buýurdym…

* * *

Bir gün mydama işine ýetişip bilmän ýören Selim aga agtygy Wellini alyp, Tüweleýiň ýanyna görme-görşe geldi. Oglanjyk Tüweleýi görenden ylgap gaýtdy.
– Tüweleý!.. – diýip, Welli begençli seslendi. – Ata, ynha, biziň Tüweleýimiz! Üýtgäp gidipdir. Baý, owadan ekeni! Şeýle gerek, ata?
Ýüzünden hemişe gar ýagyp duran Selim aganyň bu günki bolşy öňkülerine meňzeş däl. Ol bedewiň mährinden, kamatyndan ganyp bilmeýän ýaly, çöňňe gözlerini Tüweleýden aýyrman ýylgyryp dur:
– Tüweleme, Tüweleý, sen-ä tüýs bedew ekeniň! Bir howlynyň içinde bolsagam, birek-birege duşup bilmän ýörüs. Biziň bu bolşumyz-a gowy däl. Adam ilki bilen ýakynyndakylary görjek bolmaly ahyryn. Aý, zyýany ýok. Wellije ikimizi sen eýýäm ýadyňdan çykaransyň. Biz-ä seni ýadymyzdan çykaramzok. Yzyňdan geler durarys. Howludan çykyp barýanyňy görýäsem käte. Ynha,

indi sen uzak-uzak ýerlere aýlawa gidersiň. Baýrak getirersiň. Saňa Wellije ikimiziň ynamymyz uludyr. Ýöne meni masgara edäýmegin. Bir zat bolsa, ynha: «Selim seýsiň aty» diýip, maňa pitjiň atarlar – diýip, goja garaçyny bilen janykdy.

* * *

Güýz geldi.

Aýlaw başlandy.

Tüweleý bütin ömrüne şeýle aýlawa garaşan ýalydy: ol Ýalkap çapyksuwara baş bermän çarpaýa galyp, öňe dyzady. Çekinjeň weterinar wraç burnuna salyp hüňürdedi: «Ýa men gepimi düşündirip bilemok ýa-da hakykatyň hümmeti gaçypdyr». Ol şol ýygralygy bilen Ýalkap çapyksuwaryň ýanyna bardy:

– Tüweleýiň ýagdaýy gowy däl. Öňküsindenem beterleşipdir…

– Siz bütin dünýäni kesele öwürjek – diýip, Ýalkap çapyksuwar oňa alarylyp seretdi.

– Atyň hiç hili kemi ýok. Gör, onuň segräp durşuny?! – diýip, Polat Pudakowiç ulybir bähbitden galyp barýan ýaly, howlukmaç dillendi. – Seniň gorkaklygyň galjak däl öýdýän…

Jaň kakyldy.

Tüweleý tüweleý turzup, topar bolup gaýdan atlardan sülük kimin sogrulyp öňe çykdy. Yzdan gelýän atlaryň toýnaklarynyň sesleri, dem alyşlary ýakynyndan eşidildi. Atlar onuň söbügini sydyrdyp gelýärdi. Ýalkap çapyksuwar Tüweleýiň dem alşyny diňläp gitmek üçin öňe egilip barýardy. Atyň ýallary elem-tas bolup, çapyksuwaryň ýüzüni «çybyklaýardy».

Tüweleý birinji öwrümi hiç bir ata ýetdirmän geçdi. Ikinji – soňky öwrüm başlananda yzdan gelýän atlar arany kem-kem ýygyrdy. Tüweleýiň aýaklary ýadawlykdanmy-nämemi, erkini ýitirip ugrady. Ak ýoda sargylt görnüşe geçip, soňam dumana öwrüldi. Iki gulaç çemesi yzdan gelýän demir gyr at Tüweleý bilen deňleşdi. Üçünji bolup gelýän atyň toýnagynyň sesi olaryň ikisine-de ýetjege meňzedi. Tüweleý olara ýetdirmän uzaga gidip bilmedi. «Has-has» edip, agzyndan köpük syçradyp hernäçe çapsa-da, iki at ondan ýarym gulaç töweregi öňe geçdi. Tüweleý muňa namys edýän ýaly, badyny artdyrmaga çalyşdy. Ýöne gözüniň alny garaňkyrap, öňdäki iki at oňa sary salgym bolup

göründi. Tüweleýiň ýagdaýyna düşünen çapyksuwar hyrçyny dişläp, jylawy çekdi.
Tüweleý gyra çykyp ýetişmedi: aýagy nämedir bir zada büdrän ýaly etdi-de, ýüzinligine tüwdürilip gitdi. Ýalkap çapyksuwar atylyp honda düşdi. Yzdan gelýän – öňdäki atlary ýetip bilmejegine göz ýetiren çapyksuwarlar atlaryny çapdyryp, Tüweleý bilen Ýalkaby tozana garyp geçip gitdiler.
Tüweleý ýerinden turjak bolup, uzyn aýaklaryny hernäçe hereketlendirse-de, başarmady: aýaklary ýere degmän howada galgady. Hokranyp, kellesini ýere urdy. Tutuş göwresini galpyldadyp, gözlerini agdaryp ýatdy. Pellehana ýetip barýan atlara seretdi. Şol tarapa ümzük atdy. Birhaýukdan entiräkläp ýerinden zordan tursa-da, ýene ýykylarly göründi.
Bäş-alty adam tomaşaçylaryň içinden sogrulyp gaýtdy. Iň öňden gelýän Polat Pudakowiç ellerini hereketlendirip, nämedir bir zatlar diýip janykdy:
– Men näme diýdim? Hä-ä! Men saňa aýtdym başda. Meniň sözüme ynanmadyňyz. Bir zady bilmän aýdýan däldirin men! Indi munuň üçin weterinar wraç ikiňiz jogap bermeli bolarsyňyz! Ýok, ikiňizem işden kowmasam bolmaz – diýip, Polat Pudakowiç üst-başyny kakyşdyryp duran Ýalkap çapyksuwara süýem barmagyny çommaltdy.
Agtygy bilen ylgap gelen Selim aga Tüweleýiň ýanyna bardy. Ol gahardan ýaňa saňňyl-saňňyl etdi:
– Masgara etjegiňi öňem aňýardym. Seni diňe men sakladym. Heý, sen nire, bu howalaly aýlaw nire?! Bu masgaraçylygyň üçin almytyňy alarsyň.
Wellije Tüweleýe seredip, sojap-sojap aglady. Oňa: «Näme üçin aglaýarsyň?» diýenem: «Agyňy goý!» diýenem bolmady. Tüweleý oňa seredip durşuna onuň bilen bile aglaberjek ýaly göründi…
Selim aga agtygyny Tüweleýiň üstüne mündürdi-de, ony köşeşdirmäge çalyşdy:
– Wellijäm, aglamagyn! Biz gideli. Bularyň dawasyna goşulyp oturara wagt ýok. Her kimiň öz ýeri bar. Biziň taýçanaklara ot getirip bermeli wagtymyz ýakynlap gelýär.
Hemme zadyň özi üçin gowulyga üýtgänine – Tüweleýiň üstüne münenine, onuň bilen ýene bile boljagyna, giň sährada

peýwagtyna çapjagyna begenip, entek gözýaşy kepemedik oglanjyk dylym-dylym etdi.
Ýalkap çapyksuwaryň daşyny gallap, biri-birinden öň geplejek bolup duran adamlar olaryň gidenini duýman galdylar.
Atlar ýene ula goýberildi.

1986 ý.

OSMAN ÖDÄÝEW. Hekaýalar